# Eýranyň Kawkazda meýilleşdirýäni: «Pers imperiýasy»

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýranyň Kawkazda meýilleşdirýäni: "Pers imperiýasy" EÝRANYŇ KAWKAZDA MEÝILLEŞDIRÝÄNI: “PERS IMPERIÝASY”




*Bu režimiň maksady yslamam däl, şaýylaram däl, olaryň bar gaýgysy öz bähbitleridir, başga hiç zat däl. Göz dikip garaşýanlary-da Mäti däl, Pers imperiýasynyň gaýdyp gelmegine garaşylýar. Iň uly ýitgi çekýänem – şeýle bolgusyz režim bilen bir ýolda ýöreýänlerdir.*

Eýranyň Kawkazdaky strategiýasynyň birinji göz öňüne tutýany “Pers imperiýasyny” dikeltmekdir. Eýrandaky molla režimi üçin çözmesi kyn goşa problema bar. Yslamy we dünýä musulmanlaryny goldaýandygyny hem-de gelmegine garaşylýan Ymam Mätiniň gelmeli pursatyna taýýarlyk döwründe şaýylara öňbaşçylyk edýändigini öňe sürýän Yslam Respublikasy režimi Daglyk Garabag raýonynyň üstünde Azerbajýan bilen Ermenistanyň arasyndaky uruşda aglaba köpçüligi şaýy bolan musulman Azerbaýjana garşy hristian Ermenistan döwletine ýaranlyk edýär.

Iki ýurduň arasyndaky oňşuksyzlygyň başlan pursatyndan bäri Eýran ýurdundaky häzirbegjan-türk ilatynyň 25% bolmagyna we režimiň lideri Ali Hamaneýiň özüniňem aslynyň türkdügine

garamazdan Ermenistanyň tarapyny tutýar.
Munuň sebäbi, Eýrandaky häzirbegjanlylaryň şaýy Eýranyň Kum şäherinden zyýada sünni Türkiýä has ýakyn saýylmagyna ýol açan garyşyk taryhy we medeni faktorlardyr.
Teniki gelip çykyşyna garamazdan Hamaneý şeýle düşünjäň tarapyny tutýar we döwletiň üstündäki gözegçiligi boýunça Günorta Häzirbaýjan türklerini aýry tutmaga, edil kürtlerde, türkmenlerde we beýleki etniki azlyklarda bolşy ýaly, olaryň dilini ykrar etmezlige, urp-adatlaryny ret etmegini dowam etdirýär. Eýran taryhy, medeni we dini sebäpli hemişe-de garaşsyz (Demirgazyk) Häzirbegjan Respublikasyny ýa Eýranyň bir parçasy ýa-da iň azyndan bütin Günorta Kawkaz hasaplanýan ýerleri öz düzümine birikdirmeli sebit hökmünde garady.
Birnäçe tarapdan Häzirbegjana Orsyýetiň Ukraina garaýşy ýaly garady: ene watanyň ýoluny ýitiren, ýöne bir gün “özüne dolanyp gelmeli” bölegi.
2020-nji ýylda bolup geçen Ikinji Daglyk Garabag urşuna çenli geçen otuz ýylyň dowamynda Eýran Kawkazdaky rus täsirinden we Häzirbegjan bilen Gürjüstandaky togtadylan iki emeli çaknyşykdan hoşaldy. Eýranyň territorial bitewiligi gorap saklamak meselindäki ikiýüzli syýasatyny Ermenistanyň Häzirbegjanyň ýerleriniň bäşden birini basyp almagynyň görmezlige salyşyndanam, hasam beteri basybalyjylygy bolaýmaly zat ýaly goldaýşyndanam görmek mümkindi.
Muňa garamazdan Eýran öz territorial bitewiligine garşy gönükdirilen howp-hatarlar babatda juda eserdeň hereket edýär. Öňki edähedine eýeribem, Orsyýetiň Ukrainanyň ýerlerine çozmagyny-da goldaýar.
Şol sebäpli-de Eýran hem-de Orsyýet Türkiýe ýa-da Günbatar bilen hyzmatdaşlygy bolan Häzirbegjanyň we Ukrainanyň janlanmagyny, güýçlenmegini islemän, ejiz Häzirbegjanyň we Ukrainanyň bolanyny gowy görýärler. Ermenistan hem şol pikirde we güýçli goňşusy bolandan ejiz Häzirbegjanyň bolanyny gowy görýär.
Şonuň üçinem Eýran Orsyýetiň sebitde hiç wagtam çözülmedik we togtadylan çaknyşyklardaky bähbitlerini paýlaşýar, çünki olaryň ikisi-de togtadylan çaknyşyklary bölmäge we agalyk

sürmäge dowam etmek üçin Kawkazdaky täsirlerini goramaklyga mümkinçilik berýän ýol hökmünde garaýarlar.
Eýran göwnühoş bolýan häzirki ýagdaýyndan otuz ýyl mundan soň 2020-nji ýylda Ikinji Garabag urşunda Häzirbegjanyň Ermenistany ýeňlişe sezewar etmeginiň yzyndan has agressiw ýagdaýa geçdi. Eýran ýaranynyň ýeňlişinden bäri Häzirbegjanyň üstün telim gezek harby haýbatlary atdy, araçäge golaý ýerlerde harby okuw-türgenleşikleri geçirdi we berk duýduryşlary berdi.
Orsyýet ýaly Ermenistana-da uçarmansyz dolandyrylýan hüjüm ediji istrebitelleri satmaga başlady. Häzirbegjandaky yslamçy terroristik toparlara tälim berdi, maliýe we razwedka kömegini etdi.
2021-nji ýylyň oktýabr aýyndan bäri Häzirbegjan radikalizmiň tarapdarlygyny edýän şaýy hüjreleriniň üstüni basmaga we eýranly işan-mollalary ýurtdan çykarmaga başlady.
Eýran tarapyndan terrorçylykly hüjümleri gurnamak üçin Siriýada taýýarlanan we gadagan edilen “Wahdet” hereketine agza hem-de aýratyn gadagan edilen radikalizmi ündeýän dini neşirleri Häzirbegjana aralaşdyrýan 19 adamy tussag etdi.
Häzirbegjanyň Milli Howpsuzlyk gullugy Eýrandaky molla režiminiň müridi azeriler tarapyndan dolandyrylýan, Baku režimini şaýy teokratiýasyna öwürmek maksady bilen “sarsdyryjy we radikalizmiň tarapdary bolan dini pikirleri wagyz edýän Eýranyň gizlin gulluklarynyň görkezmelerine görä hereket edýän” ýörite WhatsApp toparlaryny-da ýüze çykardy.
Şeýle-de Häzirbegjanyň Howpsuzlyk gullugy harby türgenleşikler, desgalar we Ysraýyl bilen Türkiýede öndürilen uçarmansyz dolandyrylýan hüjüm ediji istrebiteller bilen bir hatarda energetika we desgalaryň infrastrukturasy hakda maglumat toplamak üçin Eýranyň kontrrazwedka gulluklary tarapyndan taýýarlanan içalyçylykly setiň bäş agzasyny tussag etdi.
Şu işleriň çäginde Eýranyň gizlin gulluklary Häzirbegjan Respublikasynyň Döwlet Nebit kompaniýasynyň (SOCAR) “Hazarnebit” flotiliýasynyň kapitanyna Eýranyň Kum şäherinde dini ugurdan taýýarlap, oňa Häzirbegjanda iş alyp barýan harby

okuw-türgenleşikleriň ýeri we wagty, açyk deňiz nebit platformalaryna berilen emläkler hakda maglumat toplamak tabşyrylypdyr.
Iki fundamental ýurt – biri Häzirbegjanda şaýy teokratiýasyny gurmak we ýurdy gaýtadan täsiri astyna almak isleýän şaýy Eýranyň, beýlekisi hristian Ermenistanyň arasyndaky şeýle täsin harby ýaranlyk üç formada güýçlendirilýär:
– Ermenistan Eýrana we soňky wagtlarda Orsyýete halkara sanksiýalardan sypmaga kömek edýär.
– Ermenistan Kremliň ukrain obýektlerine edilýän hüjümlerde ulanylýan eýran istrebitellerini üstaşyr geçirýär.
– Ermenistan Eýrany BMG-de we beýleki halkara guramalarynda diplomatiki taýdan goldaýar.
Eýranyň häzirki artýan agressiwligi onuň ýakyn ýarany Ermenistanyň ýeňlişinden we 2022-nji ýylyň iýun aýynda jar edilen Şuşa jarnamasynyň görkezişi ýaly, Häzirbegjan bilen Türkiýäniň arasyndaky strategiki hyzmatdaşlykdan gelip çykýar.
Häzirbegjany hemişe “körpe jigisi” hasaplan Eýran täsirini Türkiýäniň peýdasyna ýitirendigini we goňşusynyň türk täsiriniň astyna girendigini gördi.
Şol sebäpli ara Hindistanyňam girme ähtimallygynda Ermenistan we Orsyýet bilen ýakyn ýaranlyk gurmak arkaly Türkiýäniň garşysyna dikilmäge dyrjaşýar.
Eýran Şuşa jarnamasynyň “garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna, territorial bitewiligine, halkara arenada ykrar edilen çäkleriň eldegrilmesizligine ýa-da howpsuzlygyna garşy üçünji ýurt ýa-da ýurtlar tarapyndan howp ýa-da hüjüm edijilikli çozuş abanan” ýagdaýynda Häzirbegjanyň we Türkiýäniň “şeýle howpy ýa-da hüjüm edijilikli çozuşlary aradan aýyrmak” üçin “bilelikde hereket etjekdigini” mälim edýän harby ýaňzytmasyny gözden sypdyryp bilmezdi.
Howpsuzlyk taýdan abanýan howplaryň dürli-dürli bolup biljekdiginden, sebitde kömegiň görnüşi belli edilmedi. Ýöne Şuşa jarnamasy Häzirbegjan-Türkiýe strategiki hyzmatdaşlygyna harby artykmaçlyk berdi.
Eýran aýratynam Ermenistan bilen ýeňilendigini bilýän araçägi sebäpli gaharly. Eýran we Ermenistan Zengezur koridory

maksatnamasyna ýöneldiler, ýöne iki tarapyňam şeýle tutumly maksatnamany amyla aşyrmaga maliýe mümkinçiligi ýok.
Zengezur koridory Günorta Kawkaz we Eýran üçin ykdysady we söwda mümkinçiliklerini berýänem bolsa, Tähran muňa geosyýasy perswektiwadan seredýändigi üçin täsirini gowşatjagyna ynanýar. Eýran Zengezur koridorynyň has öň Nahiçewan Awtonom Respublikasy bilen Häzirbegjanyň arasynda esasy baglanyşyk hökmünde eýeleýän täsirini gowşatjagyny, şeýle-de Türkiýe bilen Orta Aziýanyň arasynda köpri bolma roluny ýitirjegini pikir edýär. Esasanam Eýran, Zengezur koridory bilen birlikde Gündogaryň we Günbataryň arasyndaky gatnaw ýollary taýdan mundan beýläk öňki gymmatynyň bolmajagyna ynanýar. Şol sanda Zengezur koridory bilen bir hatarda Ermenistanyňam agzasy bolan we Eýranyň özi bilen erkin söwda şertnamasyny baglaşan Ýewraziýa Ykdysady bileleşigi has-da izolirlenen görnüşe girmeli.
Eýran Ermenistana Orsyýete we Ýewraziýa Ykdysady bileleşigine açylan gapysy hökmünde garaýar. Eýran Türkiýäni Orta Aziýadaky täsiri üçin esasy garşydaşy hasaplaýar. Zengezur koridory Türkiýä Eýranyň üstünden sowlup, Orta Aziýa äkidýän alternatiw ugur açýar.
Aslynda Türkiýe we Eýran maliýe taýdan güýçli bolan Hytaý bilen birlikde Orta Aziýada täsirli güýç bolmak üçin göreşýärler we munuň iň uly zyýan çekýäni-de Orsyýet.
Eýranyň özi üçin howp hasaplaýan ýene bir zady-da – Häzirbegjanyň Ysraýyl (Tähranyň telim gezek Ýakyn Gündogaryň kartasyndan ýok etmäge çagyran ýurdy) bilen strategiki hyzmatdaşlygydyr. Eýran ýokary düzümdäki harby gullukçylaryna garşy Ysraýylyň gurnan teraktlarynyň Häzirbegjanyň çäklerinden edilendigine ynanýar.
Awgust aýynyň ahyryndaky ilkinji hüjümden bäri Eýran Günbatara we sözde “ýeke polýusly dünýä” ady berilen düşünjä garşy gelmişek ýigrenjinden dörän şärikdeş duşmançylyk bilen emele gelen ýaranlygyň çäklerinde Orsyýete uçarmansyz dolandyrylýan bombalaýjy istrebitelleri we raketalary berýär.
Eýran “ýeke polýusly dünýäni” ýok etmek üçin bolaýmaly rus ýeňşinden ýa-da Eýranyň öňbaşçy supergüýç hökmünde onuň ýerini

dolduryp biljek rus ýeňlişinden peýdalanmak isleýär.
Eýran we Orsyýet Günorta Kawkazda parahatçylygyň we ykdysady ösüşiň öňünde duran böwet. Eýrana, Orsyýetem Ýewropa bileleşiginiň Ermenistan bilen Häzirbegjanyň arasynda ýaraşyk şertnamasyny baglaşmakda üstünlik gazanmagyny islänok.
Eýran we Orsyýet gabaw astyndaky Ukrainanyň gallasyny dünýä ýurtlaryna aşyrýan Galla koridory diplomatiýasyna we uruşda Ukraina ep-esli ýarag satmagy başaran Türkiýäniň barha artýan täsirine aňňalyp diýen ýaly howatyrly seredýärler.
Eýranyň Orsyýete berýän harby goldawy Günbatara garşy gidýän saýry duşmançylygyny ykdysady opportunizm bilen birleşdirýän otuz ýyllyk howpsuzlyk syýasatynyň dowamydyr.
Häzirbegjanyň Ermenistan bilen özara düşünişmezliginde Eýranyň pozisiýasyna dolanyp geler bolsak, günabatarly diplomatik çeşmeler Eýranyň Häzirbegjana gönükdiren pozisiýasynyň Bakunyň Häzirbegjan-Ermenistan araçägi boýunça 43 kilometr uzynlykdaky Zengezur koridoryny gurmak pikirinden gelip çykýandygyny aýdýar.
Tähran muny Eýranyň Ermenistanyň üstünden Ýewropa gidýän ýeke-täk söwda liniýasy üçin howp hasaplaýar. 22-nji iýulda özi bilen bile Orsyýetiň döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putindir Türkiýäniň prezidenti Rejep Taýýip Erdoganyň başyny birikdiren Tähran duşuşygynda Hamaneýem muny agzady.
Ol Yslam Respublikasynyň demirgäzyk araçäginde NATO-nyň ýerleşmegine (Hamaneýiň pikiriçe ABŞ, Ysraýyl we Birleşen Korollyk şuny meýilleşdirýär) şert döretjek islendik üýtgeşme bilen ylalaşmajagyny aýtdy.
Hernä duşuşykdan soň Hamaneý Eýranyň demirgazyk araçäkleri meselesiniň Orsyýetiň wajyp meseleleriniň arasynda däldigini, Türkiýäniň Häzirbegjanyň tarapyny tutan we Ermenistana garşy bolan tutumynyň düýpli hem-de çuň meseledigine düşündi.
Munuň özi 14-nji dekabrda Türkmenistanyň Türkmenbaşy şäherinde Erdogany Häzirbegjanyň prezidenti Ylham Alyýew, Türkmenistanyň prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen duşuşdyran we gazyň Ýewropa aşyrylmagyny ara alyp maslahatlaşan ýygnanşygynda-da aç-açan mälim boldy.
Eýran Häzirbegjan bilen 700 kilometre uzaýan demirgazyk

araçägine Rewolýusion gwardiýanyň hataryndan 10 müň militanyny goýberdi.
Iki ýurduň arasyndaky Araz çaýyny geçip, Häzirbegjanyň çägine aralaşmak babatdaky harby taýýarlygyny görkezmek üçin geçen oktýabr aýynda suwuň ýüzünde ýüzýän köprüleri gurmak we howa inderme operasiýalary ýaly harby okuw-türgenleşikleri geçirdi.
Baku Ysraýyl bilen 220 million dollara barabar harby-goranyş ýaraglaryny almak boýunça şertnama baglaşdy we bu şertnama arkaly Ysraýyl Häzirbegjanyň iň uly ikinji ýarag satyn alýan çeşmesi boldy. Şeýle-de iki ýurduň arasynda birine edilen çozuşy beýlekä edilen çozuş hasaplaýan ikitaraplaýyn goranmak şertnamasy-da baglaşyldy.
Günbatarly kontrrazwedka çeşmeleri Ysraýylyň Häzirbegjanyň içinden Eýrana tarap partlaýjy ýükli uçarmansyz doladyrylýan hüjüm ediji istrebitelleriň uçurylýandygyny aýdýarlar. “Natanz” ýadro binasyny paýhynlamak maksatly gurnalan hüjümler bilen Muhsin Fahrizade terakty-da şu operasiýalara degişli.
Eýranyň içinde we töwereginde uçraýan howp-hatary nähili bolanda-da, Eýran Yslam Respiblikasy režiminiň Häzirbegjanyň Ermenistan bilen çaknyşygy boýunça ikiýüzli syýasaty režimiň musulmanlary goldama we şaýylara liderlik etme ideýalaryndaky gizlin aldawajy äşgär etdi.
Bu režimiň maksady yslamam däl, şaýylaram däl, olaryň bar gaýgysy öz bähbitleridir, başga hiç zat däl. Göz dikip garaşýanlary-da Mäti däl, Pers imperiýasynyň gaýdyp gelmegine garaşylýar. Iň uly ýitgi çekýänem – şeýle bolgusyz režim bilen bir ýolda ýöreýänlerdir.

Hüda HUSEÝNI,
Liwanly žurnalist, syýasy analist.

Anna, 13.01.2023 ý. Publisistika